# «Mollamyz»

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
"Mollamyz" «MOLLAMYZ»

Molla adyn almazyndan ozaly,
Geliñ, onuñ asyl kärin soraly.
«Akmämmetden» keýpin kökläp mazaly
Ile-güne kän iş boldy mollamyz,
Aýalyna gözýaş boldy, mollamyz.

Ahyr bir gün bal gününe batansoñ,
Gözenegiñ añyrsyndan bakansoñ,
Alty ýyllap şeýdip ýaban ýatansoñ,
«Zähmet çekjek» diýen boldy, mollamyz,
Geçmişine köýen boldy, mollamyz.

Ynansak-da ýalan eken wadasy,
Illeri aldamak boldy nalasy,
Bir gün daşa degeninde paltasy,
Awy ýalap, ant içdi kän, mollamyz,
Agzynda aş gatyklaýan, mollamyz.

Özge adam okap bilmez «dogasyn»,
Şermendäñ hatyny nädip okasyn,
El sermekse tanadypdyr ýakasyn,
Eden işiñ bolanok señ, mollamyz,
Bu boluşyñ, wah, bize geñ, mollamyz.

«Dogry ýola düşmeklige çen boldy!»
Maslahat berenler gaty kän boldy,
Beren wadalaryñ señ ýalan boldy.
Ýene gözenekden bak sen, mollamyz,
Jeza gerdeniñde çek sen, mollamyz.

Allaýar ÇÜRIÝEW. Goşgular